Lä ilähe illallahyñ fazileti. (2)

Rahman we Rahym bolan Allahyñ ady bilen.

Eşas ibni Ýuslimden rowaýat edilýär: Eşas aýtdy: Maña Mälik ibni Kinane tiresinden ýaşuly adam şeýle diýdi Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) Zil-Mejaz[1] bazarynda gördim. Ynsanlaryñ arasynda aýlanyp: **“Lä ilähe illallah diýiñ, halas boluñ we bagta ýetiñ.”** diýýärdi.[2]

Hadysdan çykan peýdalar:

1-Lä ilähe illallaha (Töwhide) dagwat etmek.

2-Lä ilähe illallah dünýäde we ahyrýetde bagtly bolmaklyga sebäpdir.

3-Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ynsanlary töwhide çagyrmak üçin eden yhlasy.

4-Bazar ýaly ynsanlaryñ jemlenişýän ýerlerinde ynsanlara nesihat etmekligiñ, dagwat etmekligiñ müstehaplygy.

Muhammed bin Merzuk ed-Dijäni: el-Erbaune hadiýsen fiý fazli Lä ilähe illallah, Takdim: Salih bin Fewzan bin Abdilläh el-Fewzan.

1- Bu jähiliýýe döwründe gurulýan göçme bazaryñ adydyr. Arafat diýilýän ýerde gurulyp, Zilhijje aýynyñ birinji gününden başlap tä sekizinji gününe çenli dowam edermiş.

2- Hadysy Ymam Ahmed rowaýat edýär. Heýsemi: Hadysy rowaýat eden kişiler, Sahyhyñ rawileridir diýýär.